# Talyp haky alynýan gün

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Talyp haky alynýan gün TALYP HAKY ALYNÝAN GÜN

Talyp haky alynýan gün, ajap gün
Gün uzak şatlygy sowulmaýan gün
Nämä ýylgyranňam bilmeýäň käte
Ol gün ýylgyranyň duýulmaýan gün

Şol gün sesi batlyjadyr talybyň
Gürrüňdeş bolaýsaň "gulagňy deşer"
Owal awtobusda gatnaýan talyp
Öýnüň gapdalynda ulagdan düşer.

Aladalar unudylýar,
talybyň
Aladaly görse geňleýän güni.
Ol gün oňa gökde ganat kakdyryp,
Aýaklarnyň ýere degmeýän güni.

Egin-eşik, galam-depder almaga,
Teatra gidip şatlanmaga-da,
Ýetip dur oň puly kitap dükandan
Kitap alyp, okap taplanmaga-da

Az däl oňa berilýän pul, talyp hak
Kömek soradanok eje-kakadan
Ýetýär telefona pul salmaga-da
Nahar iýmäge-de naharhanadan.

Garaz, iň ajaýyp, beýik şol güni
Söz tapylmaz wasp etmäge tarypyn.
Beýleki günlerden has üýtgeşikdir
Talyp haky alýan güni talybyň.

Güljan DURDYÝEWA. Goşgular